# Gündelikde galanlar -21/ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy,Söhbetdeşlik,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gündelikde galanlar -21/ dowamy 21.08.2011

Düýn Bekrewede kursdaşym Ejebaýa duşdum. “Maýda okuwy gutaranymyzyň 40 ýyllygyny belledik. Sen nämüçin gelmediň? Seni soradylar” diýdi. Men şo gün ýaramadym. Dogrudanam özümi gaty erbet duýupdym.
Şo ýerde Kakow diýip bir doktor bilen söhbetdeş bolduk. Professor Çary Baýry hakda gürrüň etdik. “Çary Baýrynyň doktorlygyna söz ýokdy. Diňe ýüregi operasiýa etmedi. Galan hemme zady operasiýa edip bilýärdi. Ýöne bir kemi leksiýa okanda gowy düşündirip bilmeýärdi” – diýdi.
Şeýle bolýar. Mäti Köse güýçli professordy. Ýöne leksiýa berende şeýle bir orator däldi.
Çary Baýry hakda biljek bolsaň, meniň onuň bilen eden söhbetdeşligimde köp zatlar bar. Muny maňa onuň özi gürrüň beripdi. Bu söhbetdeşlik 1990-njy ýylyň ahyrynda radionyň efirine berlipdi. Onuň öz sesi bilen. On ýyl gowrakdan soň Çary Baýrynyň sesini ilkinji gezek eşiden adamlaryň begenjiniň çägi bolmandy. Köp sanly minnetdarlyk hatlary gelip gowşupdy.
Düýn Atajan Taganyň gündeligini okadym. (“Garagum”, 2011. № 8). Taryhyň belli-belli döwründe öz halkyny dünýä tanadan adamlar bolýar. Türkmende şeýle adam Weli Muhadowdy diýýän ýazyjy mamladyr. Weli Muhadow bilen biz birnäçe eser döredipdik. Ol meniň “Turkmenskaýa iskra” gazetinde çap edilen goşgular toplumymy okap, şonuň içinde “Kirşi üzülende şabram dutaryň” atly goşgymy has gowy görüpdir. Meni köp gözläpdir. Men o wagtlar Änewde ýaşaýardym. Şäher dempartiýasynda işleýän inim Meredi tapyp, meniň bilen duşuşmalydygymy aýdýar. Men näçe kyn görsem-de (gynansam-da, men gaty ýarawsyzdym. Öýden işige kän çykamokdym), maşynly onuň (Uçitelskaýa, № 8) öýüne bardym. “Men şo goşgyny on bäş gezek gaýtalap-gaýtalap okadym.

Bi men hakda ýazylan ýaly. Muňa (aýalynyň adyny tutup,aýaly hem biziň ýanymyzda), Adygül şaýatdyr” diýdi. «Täze bir simfoniýa ýazýan. Men bu goşgudan bir bendi oňa epigraf edip aljak” diýipdi.
Bir gezegem öýüne baramda “ Başym aýlanýar. Halys bizar etdi” diýdi. “Kakamyrat Ballyýewiň üsti bilen ýazan zatlarymyň köpüsi fonddan ýok edilen”. Bu Weli aganyň maňa öz aýdany.
Başga bir gezek uruş weteranlarynyň başlygy, ussat terjimeçi Oraz Nepesow bilen ony soramaga baranymyzda, saglyk-amanlyk soraşanymyzdan soň, ol “Meň keselim agyr. Men rak” diýdi.
Näçe gynançly bolsa-da, biz türkmeniň beýik oglunyň ýogalan habaryny giç eşitdik. Beýik ussady iň soňky ýoluna ugradyp bilmänimiz ýadyma düşende keýpim bozulýar. Üçüne göründik. Eşidişime görä, ony jaýlamaga on-on bäş adam gatnaşan bolmaly.

27. 08. 11 (şenbe)

Ahyrsoňy demikdiriji tomus gutardy diýdirýär. Düýn ilkinji gezek Aşgabada ýagyş ýagdy. Şu gün howa salkyn. Ýaşasa boljak. Ýogsam “54-60 gradus yssy boldy” diýýärler. Diýýärler däl, muny özüm başymdan geçirdim. Klimat üýtgeýär.
Çeçende Sunji diýen derýanyň joşandygy hakdaky habary telewizordan eşitdim. Bäherdeniň eteginde-de Sünçe obasy bar. “Sünçäniň suwy” diýip aýdymam aýdylýar.
Sunji bilen Sünçäniň meňzeşligi meni geň galdyrdy.

28. 08. 11.

Düýn telewizorda “Ýaňlan diýarymda” ahallylar çykyş edipdir. Ýaňy jaň edip, “Gel, obamyň lälesiniň” sözlerini Ata Atajanowyň adyna beripdirler” – diýip aýtdylar.
Nätjek-dä!
02. 09. 11.

Şu gün “Diýaryň” redaksiýasynda Atajan Tagan bilen salamlaşdym. “Ömrem geçip barýar, edilen iş ýok” diýdi. Atajan şeý diýýän bolsa, biz näme etmeli?! Ol özüniň näçe ýyllap adynyň tutulmazlygynda birnäçe ýyllap hökümetde medeniýete

jogap beren Orazgeldi Aýdogdyýewden görýän eken. Men oňa “Beýle däldir“ diýdim. “Abdy Kulyň garşysyna telewizorda gürle” diýdi. Gürlemedim. Şondan” diýdi.
– Ýoldaşymdan “Meni ýazyjy diýip tanyşdyrma” diýip haýyş edýän. Sebäbi ýerlerde ýazyjy diýseň halamaýarlar. Erbet manysy bar. Sebäbi ýazyjy il-günüň gözünden düşüpdir – diýdi.
Ýanymdaky ýoldaşym Çary Kulyýew redaktoryň ýanyna girdi. Ikiçäk galandan soň “Ýaňky Çary Kulymy?” diýip sorady. Men “Hawa”diýsem, “Ýok, men ony tanaýan. Ozal saçlydy. Indi saçyny syrypdyr. Gowy ýazýar. Agasam gaty gowy ýazýar. Kakaly bir oglan bar. Men ony bir gezegem göremok. Ahmet Halmyradow, olam gowy ýazýar – diýdi.
Men Juma Hudaýgulyýewiň hem ökdedigini aýdamda, ol, “hawa, hawa, gowy ýazýar” diýip belledi.
Şo barmana Atamyrat Atabaýew, Ahmet Mämmedow, Gurbannazar Orazgulyýew geldiler. Salamlaşdyk. Gurbannazar maňa Daşhowuz welaýat gazeti üçin Daşhowuz topragy hakynda goşgularymy getirmegi haýyş etdi. Men bolýa diýsemem o ýer hakda goşgularym ýok ekeni. Diňe 1979-njy ýylda hudožnikler bilen Daşhowuza göçme plenum geçirmäge gidemizde Törebeg hanymyň minarasyna bagyşlap ýazan goşgym “Bereket” kitabymda ýerleşdirilen. Oňa-da göwnüm ýetmänsoň, goýbolsun etdim.

04. 09. 11 (ýekşenbe)

Kakabaý Gurbanowyň sadakasyna bardyk. Annanur Çaryýarow:
– Ir döwürlerde neşirýatda işleýärdim. Arakesmede küşt oýnalýardy. Bir gezek jaň geldi. Trubkany Nurmyrat Esenmyrat göterdi-de, sögünip goýdy. Ýene jaň geldi, ýene sögünip trubkany goýdy. Birsalymdan egni pižamaly, aýagy ters paşmakly Berdi Kerbabaýew neşirýatyň howlusyndan girdi. Men Berdi aganyň howlusynda birki gezek onuň goýnuny hem soýup beremsoň, ony çalarak tanaýardym. Men salam berdim, ugry ýok. Yzyna garap, “Çary ýerindemi?” diýip sorady. Men “hawa” diýip baş atdym.
Berdi aga neşirýatyň direktory Çary Matalowyň ýanyna girdi. Birsalymdan soň küşt oýnam gutardy. Direktor işgärleriň

hemmesini kabinetine çagyrdy.” Kim ýaňy jaň edilende trubkany göterdi?” – diýip, Çary aga sorady. Hiç kimden jogap ýok. Ýöne çagyrylanlaryň arasynda Nurmyrat Esenmyrat ýok. Berdi aga şonda:

– Gürrüňiň agyry indi başlandy – diýdi.

Şo wagt Nurmyrat aga ýüzüni aşak salyp girdi-de:

– Berdi aga, ýüz ýokdur, bagyşla! – diýdi.

Berdi aga şondan soň açylyp, biz bilen gürrüň etdi. Bolan zat şeýle: Neşirýatda Rahman Babaýew işleýärdi. Nurmyrat aga ikisi iýeni aýra gidenok. Jaň gelende, trubka göterilende Nurmyrat aga “Kerbabaýew jaň edýär” diýmegiň deregine Rahman oýnaýandyr diýip nämüçindir iki gezegem “Er. Babaýew” diýip düşünipdir.

* * *

Bir gezegem Çary Matalow bilen Baýram Gurbanow ikisi kabinetde gürleşip oturan ekenler. Sekretar aýal: “Çary aga, siziň ýanyňyza Kakabaý Gurbanmyradow girjek bolýar. Gonorar soraýar” – diýipdir. Çary aga:

– Şoň ýüzi gurasyn-la – diýipdir. Baýram aga:

– Onda ol götinläp giräýsin – diýipdir.

***

Kakabaý Ylýasow:

– Nabat Nurmuhammedowalar bilen goňşy bolup ýaşadyk. Inisi Meret bilen dostdum. Ol dirižýordy. Türkmen bagşy-sazandalary konsert bermek üçin fronta gitdiler. Olaryň arasynda Nabat Nurmuhammedowa-da bardy. Kakamam şolaň otlusy bilen fronta gitdi.

Nabat Meretden: “Salam diýseler, orusça näme diýmeli” diýipdir. Meredem oňa “ýoptwoýamat” diýip öwredipdir. Olam şeýle jogap beripdir diýip Meret gülýän eken. Ejelerine Bibijemal diýýän ekenler. Bibijemalam, Nurmuhammedem bagyrly kürtlerdi.

12. 09. 11 (duşenbe)

Düýn aýlawa gitdik. Sazanda Akmyrat Çaryýew şuny gürrüň berdi.

– Men ömrümde iki sany aýylganç zady gördüm. Bir-ä, men hakda gepleşik gidip durka, gepleşigiň kesilmegi. Ikinjisi hem, Sahy Jepbaryň ýanynda saz çalyp durkam, gepleşik telewizorda göni efirde gidip durdy. Şonda Sahy aganyň dutar çalyp oturan eli aşak sallandy. El esli salym hereketsiz durdy.

17. 09. 11

13-ne gije aeroporta bardym. Tatarystanly dostum Ramzil Waleýew, aýaly Zilýa Waleýewa Awazada dynç alyp geldiler. 1975-den bäri Ramzil bilen görşemizokdyk. Aýaly Tatarystan hökümetiniň başlygynyň orunbasary. Bizden wise-premýer Maýsa Ýazmuhammedowa garşylady.
Ramzil bilen biz Moskwada WKŞ-da iki ýyl bile (1973-75) okadyk. Bir topar zatlary ýatladyk. Surata düşdük.
* * *

Ýaňy Meret Temmimow jaň etdi. 7-8 ýyldan bäri görmändim. – Häzir 91 ýaşyň içinde. “Iki gezek ýykyldym. Öýde ýatyryn. Içim gysýar, deň-duşlar ýok” – diýdi.

* * *

– 1925-ji ýylda Şamseddin Keriminiň “Aýjemal” pýesasyny sahnada goýduk. O wagtlar türkmen gelin-gyzlaryndan aktrisa bolmaga beýlede dursun, entek oýna tomaşa etdirmäge getirip bolanokdy. Şonuň üçinem Aýjemalyň roluny Hally Şahberdiýew oýnady. Aýjemalyň ejesiniň roluny bolsa Myrat Gazakow oýnapdy.
(Gulluk Hojaýewiň gürrüňinden).

27. 09. 11

25-ine (ýekşenbe) Baýrammyrat aga jaň edip, “Orazsoltanlarda otyrys. Ýanymda Myratguly Atabaýewiň öweý ogly bar. Men “Näçe ýaşynda?” diýip sorasam, “70-den geçen” diýdi.
“Seniň Atabaýewler hakynda ýazanyňdan habary ýok eken. Gel. Ol seniň bilen gürrüňdeş bolasy gelýär. Çaltrak gel” diýip, haýyş edensoň (şo gün Orazsoltanyň sadakasy. Ertesem agtygynyň toýy) bardym. Tanyşdyk. Elleri sandyrawuk. Şonda ol öz aslyny aýtdy.

Ol Atanyýaz ahunlardan eken. Atanyýaz ahunyň düýbi ýemreli. Ugurly handan gaýdýar. Tutha-tutlukda ol Eýrana geçipdir. Şo ýerde-de ölüpdir.
Ýaňky Ata aganyň kakasy ir ýogalypdyr. Ejesini Myratgulyň aýaly ýogalany üçin şoňa beripdirler. “Men 20 ýyl töweregi şolar bilen ugrum bolmady. Gatnaşyk etmedim” – diýdi. Myratgulyň özi, Ata aganyň aýtmagyna görä, hiç ýerde işlemändir. “Baýyň ogly bolubam kolhoz işlärinmi?” diýýän eken.
– Hurmantgökjede ilki gelip ýerlän Ugurly han we ýemreli töresi eken. Ol biziň aslymyz – diýdi.
Nurgeldi diýip oba hojalygynda işleýän birimiz Orazgeldi Ärsaryýewiň kolhozynda komandirowkada bolupdyr. Şonda Orazgeldi aga ondan aňyrsyny-bärsini soranda Nurgeldi: “Meň tiräm öwezgeldi” diýse, “Öwezgeldi diýen tire ýok. Öwezgeldi ýemrelidir” diýip aýdanmyşyn.
Orazgeldi aga ýemrelilerden şo gezek köp gürrüň açypdyr. Orazgeldi agaň özem ýemreli eken.

07. 11. 11 (duşenbe)

Şu gün Gurban baýramynyň ilkinji güni, irden Aşgabada ilkinji gar ýagdy.

09. 11. 11.

Şu gün gurbanlykdan gelýärkäk, Kakabaý Ylýasowdan halk artistleri Annamyrat Berdiýewiň, Ata Alowowyň, edebiýatçy Allamyrat Garaýewiň ýogalandyklaryny eşitdim. Allamyradyň kyrky-da geçen bolmaly. Annamyrat öňräk, Atanyň ýogalanyna birküç gün geçen bolmaly. “Zaman” gazetinde gynanç berlipdir. Türkmen gazetlerinde oň ýaly gynanç berlenok.
Kakabaý tomus sarylama bilen Çoganlydaky keselhanada Annamyrat bilen bile ýatypdyr. Gara Seýitliniň uly ogly hem şo ýerde ýatypdyr. Olam keselhanada ýogalypdyr.

14. 11. 11

Düýn daçada bolduk. Kakabaý Ylýas SK-da işlän wagty bir wakany

ýatlady: “Ol instruktordy. Orgotdelde, çärjewli bir oglan (ady ýadyma düşmedi) inspektor bolup işleýärdi. Gepi geçginlidi, özem gurpludy. Bir gezek SK-nyň howlusynda gürleşip durduk. Meniň ýoldaşym ýaňka bolar-bolgusyz zatlary aýtdy weli, ol onuň ýüzüne gaty şarpyk çaldy. Ýoldaşymyň burnundan gan akyp başlady. Ol hiç zat diýmän, edara girip gitdi. Soň uran oglan gaty horlandy,
“Salam” magazininde şol oglany gördüm. “Tanamadyňmy?” diýdi. Tanyşdyrandan soň şodugyny bildim, koçegar geýiminde. “Seniň dostuň etdi” diýdi.
Şunuň ýaly ýagdaýy Aýnazar bilen hem boldy. Hiç ýerde iş berilmedi. Iň soňky işlän ýeri kanalyň bir ýerinde garawuldy. Şondanam işden çykaryldy. Ölende-de gaty erbet öldi.

08. 01. 2012. Ýekşenbe

4-5 minut öň Bela Bagdasarowa jaň edip, Tanýa Melnigiň aradan çykanlygyny habar berdi. Tatýana Georgiýewna Melnik “Weçerniý Aşhabad” gazetiniň bölüm müdiridi.
31-ne Bela jaň edip, Täze ýylyny gutlanda, ol özüniň ýagdaýynyň gowy däldigini aýdypdyr. Ertir 2-de ony Nyýazow keselhanasyndan iň soňky ýoluna ugratjaklar.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, Tanýa!

17. 01. 12 (duşenbe)

Düýn Medeniýet ministrliginden meni Baýram Çaryýew gözläpdir. Jaň etsem, „Ministr seni soraýar, jaň etmeli” diýip, telefonyny berdi.
Ministr bilen gürleşdim. “Bir gowy aýdym gerek. Gurban Nobatowy hem çagyrdym” diýdi.

30. 01. 12 (duşenbe)

Düýn Kakabaý Ylýasow bilen daçada bolduk.
Kakamyrat Ballyýewiň kakasy Bally Garadamak obasyndaky başlangyç mekdepde (4 klas) mugallym eken. Mekdepdäki ärsiz kürt aýalynyň iki gyzynyň birine öýlenipdir. Şondanam biziň «dostumyz” doglupdyr. 37-nji ýylda Köşüde adam baryny

ýamanlap, tutdurany üçin onuň atasyny obaň çetine kowupdyrlar. (Eşidişime görä, ol ýogalanda, merhumy içki jaýyndan çykarypdyrlar).
Halmyrat Sähetmyradow hakda ýazan taryhy oçerkimde (“Edebiýat we sungat”, 18. 05. 88 ý.) köşüli ýaşulular onuň eden pyssy-pyjurlygy hakda gürrüň beripdiler. Aýratynam köşüli ýaşuly Sapar Güjük bu hakda aýdypdy. Men ýöne Kakamyrat Ballyýewiň atasydygyny bilemokdym. Diňe oçerk gazetde çykandan soň, muny maňa aýdypdylar. Annaberdi Agabaýew, Annaberdä-de agasy Aýdogdy aýdypdyr. “Allaýardan ar alar” diýipdirler. Aýdyşlaram ýaly boldy.

18. 03. 12. (Ýekşenbe)

Annamyrat Sähetmyradow ýogalypdyr. Annamyrat obadaş, garyndaş, taryh ylymlarynyň kandidaty, ýalňyşmasam, professor. Köp ýyllar uniwersitetde mugallym boldy. Soňky ýyllarda harby institutda işledi. Öz döwrüniň sowatly adamydy.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, aga!
R.S.: Ol ýazyjy Gurbandurdy Gurbansähedowyň giýewsidi. Aýaly Maýsa öň ýogaldy.

26. 03. 12.

Akademiýanyň öňünde Wahyt aga Mesgudowa gabat geldim. 80-den geçen. Golaýda institutdan işden boşatdylar. Hal-ahwal soraşandan soň, “Kapyra jan çekeniň, muzdy gara gylyçdyr” diýen ýaly söz aýtdy. Muny maňa ölmezinden birki aý poliklinikanyň öňünde Annaoraz aga-da (uruş weterany, general A.Çaryýew) aýdypdy. Pahyryň ýaşap oturan jaýy ýykylyp, iki otagly jaý berlen eken).

06. 12. 2012 ý.

Şu gün respublikan saz mekdebinde kompozitor Ata Esadowyň doglan gününiň 90 ýyllygyna bagyşlanan B.Amanow adyndaky çagalar kitaphanasynyň tagallasy hemem kompozitoryň gyzy Maýa Ataýewanyň tagallasy bilen ýatlama güni geçirildi. Dramaturg Aşyr Mämiliýewden soň, alypbaryjy gyz “Türkmenistanyň halk

şahyry Allaýar Çüriýew” diýip, maňa söz berdi. Aşyr Mämiliýewiç “Beriljegini bilýändirler aýdýarlar” diýip degişdi.
Ata Esadowa bagyşlanyp “Saz basynyň bagbany” atly kitapça çykarylypdyr. Meniň ýatlamalarym hem ýerleşdirilipdir.

12. 12. 2012.

Dekabryň 8-ne Nury Baýramsähedowyň aýaly Tamilanyň belli gününe – kyrkyna bardym. Bizden soň ýasyjy Tirkiş Jumageldiýew Magtymguly Şabasanowyň oturan hataryna geçip oturdy. Nahardan soň, aýat okaldy. Men Tirkişe garaşdym. Ýanymdakylar turandan soň men ýanymdaky ýoldaşym bilen Tirkiş bilen salamlaşdyk. Onuň bilen 80-nji ýyllaryň ahyrynda, Könekesire barypdyk. “Gaty gowy ýerler eken” diýip ýatlady. Her gezek duşuşanymyzda Tirkiş biziň mellegimizdäki güýz armytlaryny ýatlaýar. Bu gezegem ýatlady. Kakamyň adyna hoş sözleri aýtdy.
Men Kerkawderede düşürilen suratlar hakda sorasam, “Ýok, maňa bereňok. Nohuryň suratlaryny saklaýan-a” diýdi.
Berenim-bermänim anyk ýadyma düşmänsoň, men oňa: “Surat mende.. Onda Atamyradam (Atabaýew) bar” diýsem, ol: “ Oň ýaly adamyň surat maňa gerek däl” diýdi. Tirkiş “Edebiýat we sungat” gazetine baş redaktor bolup işe gelende, Atabaýewi ýekelejek bolup dyrjaşan oglanlar bardy. Şonda baş redaktor adalatyň tarapynda durupdy Munuň taryhyny bir söz bilen beýan edip bolmaýar. Mende şo döwürde redaksiýada geçirilen ýygnaklaryň käbir protokollary saklanyp galypdyrr. Hakykaty biljek bolsaň, şolara göz gezdiräý.
Tirkişiň “Atamyratly suraty gerek däl” diýen sözüniň aňyrsynda bir topar wakalar ýatyr.
Has takygy, bu sözleriň türkmeniň görnükli bir wekiliniň öz agzyndan eşidilmegi, eýsem-de bolsa, gynansak-da, Atamyradyň nätüýsli adam bolandygyny aňlatmaýarmy näme?!

21. 12. 2012 ý.

Gadymy maýýa halkynyň hasabyna görä, şu gün kyýamat gompaly eken. Şu wagta çenli-hä hiç zat üýtgänok. Irden dumanly boldy.

11-den işlände men işde erbet boldum. Ýürek çalt urup, döşüm gaty agyryp başlady. Serdarlara gelip, “Tiz kömek” çagyrdyk. Sançdylar. Başga bir “Tiz kömek” EKG etdi. Hudaýa şükür, infarkt-a ýok. Ýöne wagtly-wagtynda bejergi almasaň, şoňa barýar diýip, wraç aýal aýtdy.
Stenokardiýa gowy zat däl. Indi bir ýyldan gowrak bu kesel öz barlygyny bildirip dur.

03. 01. 2013

Kakabaý Ylýas bilen daçada bolduk. Gaty ýarawsyz. Zordan oturýar. Zordanam turýar. Irden öýüne äkitdim. Ýolda Hudaýberdiden gürrüň gozgady (Hudaýberdi Diwangulyýew): “Gaty zehinli adam. Ýöne ýylan. “Türkmenistan” gazetine redaktor edip işe iberenlerinde üstümden arzany guran şol eken. Işletmedi. Annageldini (Nurgeldiýewi) küşgürdi. Ýygnak boldy. “Men gatnaşjak däl” diýsem, Otçersow “Gatnaş” diýdi. Şonda ýygnakda Allaguly Ýusubow çykyş etdi. “Arza gol çekdiren Hudaýberdi” diýip aýtdy. (Hudaýberdi şo wagt gazetiň redaktorynyň orunbasary – A.Ç.). “Nobatçydym. Şonda gelip Hudaýberdi “şuňa gol çek” diýdi. Arzany göçüren başga biri, Kakabaý Ylýas bilen bölüşip bilmeýän zadym ýok. Ony men gowam tanamok” diýen ýaly sözleri aýdyp, “Indem men şu gazetde işläp biljek däl” diýdi.
Şondan soň Hudaýberdini “Aşgabat” gazetiniň redaktory edip işe geçirildi. “Mundan birbada dynmaly. Muny ulanaly” diýdiler.
Gurbandurdy Gurbansähedow ömrüniň soňky ýyllarynda meni sypdyrmady. Öýüne nahara çagyrýardy. Aýaly Hajat köşüli bolansoň şeýdýän bolarly. Taňryberdi Hojakgaýewiň başdaş aýaly ýogaldy. Şonda ol ikinji gezek Hajadyň aýal doganyny aldy. Gurbandurdy aga maňa bütin ömrüni gürrüň edip beripdi. Bulaň asly Ýylanlydan. Ir döwürler olar Mara göçüp gelipdirler. Özlerem ýemreli.
Körmolla-da ýemreli. “Köp goşgusyny täzeden ýazdym” diýýärdi.
“Alan ýurduň gutly bolsun bolşewik”, başda Körmolla ony menşewik diýip ýazan eken.

06. 01. 13 ý.

Gije kakam düýşüme giripdir. Obada ekenim. Arada Tirkiş Jumageldini göremde “Kakaň beýik adamdy” diýen sözüni kakama aýdyp berýän ekenim. Onuň bagymyzdaky armyt agaçlaryny ýatlaýşyny hem aýdyp berýän ekenim.

15. 01. 13

12-sine öýde – daçada ölen-ýitenlere sadaka berdim.
Baýjan bilen Pirnazarly waka.
Ýazmyrat Sopyýew ýogaldy. Onuň belli gününe baramyzda, aýyň 12-sine, şenbe güni, Kakabaý Ylýas radioda işlän döwri (60-njy ýyllar) otuzynjy ýyllar “Turkmenskaýa iskra” gazetine redaktorlyk eden Putilin bilen bile işleşendiklerini gürrüň berdi.
“Sen 50 ýaşaňdada-da klassyklary gaýtadan oka. Şonda olara başgaça düşünersiň” diýipdir. “Çehowyň “Wişnewyý sadyny” okadym, känbir düşünemok” diýse, Putilin “Düşünmez ýaly zat ýok. Çehow “wyşnewyý sad” diýip Russiýany göz öňünde tutupdyr.“Wyşnewyý sad” bolsa halk arasynda jennet bagy ýaly bir zat hökmünde garalýar. “Ýazyjy şo bagda-da durmuşyň ähli pyssy-pyjurlyklaryny görkezipdir” diýip aýtdy.

14. 02. 2013 (dördünji gün)

Şu gün orus bazarynda terjimeçi Daňatar Berdiýewe gabat geldim. Köpden bäri göremokdym. Aýaly Sonýa Söýünhanowa ýogalypdyr. Ol “Weçerniý Aşhabad” gazetinde işläpdi. “8-nji martda kyrky” diýdi. Ogly Baýram ölen eken. Akdepede gulluk edipdir. Ofiser bolmaly. “Köp içýärdi. Arakdan diýip ýapdylar” diýdi. Oňa-da iki ýyl bolup gelýän eken.
Daňatar Berdiýew gosarhiwde işleýärdi. “Birki sany oglanyň adyny berdim. Ýarym stawkada işlemäge oglan soradylar. Seniň bilen gürrüňleşdilermi?” diýip menden sorady. Men “ýok” diýdim.” Beýleki oglan-a ýuwaşlyk bilen otkaz edipdir öýdýän”.
“Aýalym akylly eken. Her kime at berýäler. Göwün edýän wagtyň bolýar. Şonda ol “Şo at berlen adamlaryň arasynda utanjak dälmi?” diýdi.

01. 04. 2013.

Dört-bäş günlükde Çehiýada ýaşaýan ýazyjy Hudaýberdi Hallyýew bilen “Owadanyň” ýanynda gabat gelişdik. Türkmenistana gelmäge rugsat beripdirler. Uniwersitetde birinji kursda okaýan döwrümizde men Hudaýberdi bilen dostlaşypdym. “Bir gezek kursdaşymyz Myrat Oraşew ikimizi “Türkmenistan” restoranyna äkidip naharlapdy. Hasaplaşanda şo döwrüň puly bilen ýigrimi manat tölände, men geň galypdym” – diýip, Hudaýberdi ýatlady.
Öýe çagyrdym. “Oba gidip barýan” diýdi.
“Taryhçy iniň bardy. Şoňa aýratyn salam aýt” diýdi. Men Hudaýberdini, hasaplap görsem, ýigrimi ýyldanam gowrak görmändim. Maşgalasy bilen Çehiýada ýaşaýar.

* * *

Kadrlar bölüminiň başlygy jaň edip: – Birigün sagat üçde telewideniýeden gelip bedew hakynda ýazgy etjekler. Gepleşige sen, Ylýas, ýene biriniň adyny tutup (institutda oglanlar ony känbir halanoklar) gatnaşmaly – diýýär.
Bölüm müdirimiz oňa:
– Düşnükli. Gepleşige bir adam, bir bedew (Ylýas), bir eşek (halanmaýan) gatnaşmaly diýäýiň-dä – diýip aýtdy.

* * *

Bir gezek institutyň şo wagtky bölüm müdirleriniň biri filologiýa ylymlarynyň kandidaty, ýazyjy gelin Şirin Gurbanowa kabinetimize girende biz bir zada gülşüp otyrdyk. Şirin şonda:
– Men şu ýerik gelemde göwnüm açylýa – diýdi welin, şonda Çary Kulyýew:
– Wah, seň göwnüň açylýandyr weli, biziň götümiz açylýa – diýip degişdi. Çünki Şiriniň eşiden-gören zatlaryny başlyklara habar bermek häsiýetiniň bardygyny oglanlar bilýärdi. Şiriniň özem “Menem işlemel-ä” diýip gülüşdürýärdi.

23. 04. 13

Şu gün işden öýe- Çoganla gelýärkäm, daçalykda bir gyzjagaz

bilen bir oglanjyk elini galdyrdy. Maşyny saklap, olary aldym. “Gidýän ýeriňize çenli äkidäýiň” diýen gyzjagaz, soň ýanyndaka bir zat pyşyrdady, “Siz kitap ýazýaňyzmy?” diýip sorady. Men gaty geň galdym. Bu çagalary men öň görmändim. “Hawa” diýdim. “Biz siziň goşgularyňyzy kän okadyk” diýip, ýene geň galdyrdylar. “Siz meni nireden tanaýaňyz?” diýip soradym. O gyzjagaz “Siz Allaýar dälmi?” diýip, ýene geň galdyrdy. Men ýene “hawa” diýdim. “Uly doganymam siziň kitaplaryňyzy okaýar” diýdi. Olar meniň haýsy ýerden aýlanýanyma çenli belet.
“Mugallym bedew hakda goşgy tapyň” diýdi. “Siziň bedew hakda goşgyňyz barmy?” diýdiler. Şo wagt meniň ýanymda “Aýdym adamlaryň göwün syrdaşy” atly taýýarlap ýören kitabymyň golýazmasy bardy. Agtygym Imran ony ýaňy kompýuterden geçirdi. Okamak üçin ýanym bilen alyp gaýdypdym. Aýlanýan ýerime golaýlaşamsoň “Siz nirede ýaşaýarsyňyňyz?” diýip soradym. Olar menden gaýradaky ýeri görkezdiler. Aralyk 200-300 metr töweregi bar. Belentde olary düşürip, golýazmadan “Ahal-teke bedewleri” atly aýdymymyň tekstini berdim. “Kitabyňyzy beräý-de” diýensoňlar, men gyzjagaza “Seniň söýdük gara gözleň” atly kitabymy sowgat berdim. Olar begenip düşüp gitdiler. Gyzjagaz 3-nji klasda, oglan 2-nji klasda okaýan eken.
Bu wakany men geň ahwalat diýip düşünýän.

* * *

Düýn inim Baýmuhammedi Bajygyranda garşyladyk. Ony Maşatda 2 gezek operasiýa etdiler. Horlanypdyr. Operasiýany eden professor Daraby. Büjnürtli Faýaz diýen ýigit boýdan-başa bolnisada ýanlarynda bolupdyr.

24. 04. 13

Şu gün konserwatoriýanyň umumy ýaşaýyş jaýynda talyplar bilen duşuşygym boldy. Alypbaryjy mugallym Gözel Aýnazarowa meniň döredijilik ýolum hakda gürrüň berdi. Men sowallara jogap berdim. Goşgularymy okadym.
Galkynyş otagynyň müdiri zenan maşgala rubagylarym hakda sorady. Ol meniň rubagylarymdan habarly eken diýjek bolýan.

Goşgularyma düzülen aýdymlaryň birnäçesini aýtdylar. “Deňiz guşumy” köpçülikleýin aýtdylar. Konserwatoriýanyň mugallymy Rejep Annamyradow hem aýdym aýtdy. Halk aýdymlaryny aýdan ýaş oglanlar zehinli oglanlar.

06. 06. 2013

Serdar gözüni bejertmek üçin 4-ne Germaniýa (Mýunhene) uçdy. Bäride edilen däri-dermanlar, edilen operasiýa edilmeli däl eken. Ýogsam, Serdaryň gözüni operasiýa eden atly akademikdi.
Şeýle mysallary köp agyzdan eşidip, lapyň keç, dünýäň daralýar. Puluň-a bir alýarlar, özüňem maýyp edýärler…

13. 06. 2013 ý. (dördünji gün)

Garrygalaly Allaberdi Nazarow şeýle güggüň berdi:
Ol 1956 ýa-da 57-nji ýylda oba hojalyk institutynda okaýan eken. Agasy Allanazar Towy agyr ýaramandyr. Iýýän zadyny gaýtarýan eken. “Gerbi diýmek haşal ot, sid diýmegem şoňa garşy göreşýän zat”. Adamyň içegesinde, aşgazanynda, siýdik haltasynda… rak bolanok, rak diýýänleri gerbisid.
Ine, şonda Allanazar Towy (şo wagt ýaşuly 45 ýaşynda eken) 150 gram sygryň süýdüni gaýnadyp, awyternek ösümliginiň hem 7 (ýedi) damja süýdüni şoňa garyp, içiripdirler. 40 minutlardan içi bozulyp, nähoşuň aşagyndan, agzyndan gidip başlapdyr.
Şondan soň ýaşuly keselinden saplanypdyr. Ol 92 ýaşlarynda ýogaldy.
Düýn Aşyralynyň öweý gardaşyndan bolanyň aýalyny “rak, biziň etjek zadymyz ýok” diýip keselhanadan çykarypdyrlar. Allaberdi aga Aşgabada gaýdyşyn ýolda Gyzylarbada sowlup, ýaňkyny maslahat beripdir. Ýoldan ýygan awyternegini berip gaýdypdyr. Içiripdirler. Iýmeýän adam iýip otyr” diýip gürrüň berdi.
Allaberdi aga awyternek hakda degişli ýerine hat ýazypdyr. “Hatyňyzy aldyk” diýip, ýakynda jogap beripdirler.
Eger tejribe dogry çyksa, Allaberdi aga Nobel baýragyna hem garaşýar. Ol rak diýýänleri adamyň iç goşunda çalt ýaýraýan gerbisid diýýär.
Muny em etmegi ol Baýmuhammede hem maslahat berdi. Ol “Eýrana

ýene üç aýdan konsiliuma gidip geleýin” diýdi. “Gerbisidi operasiýa edilende kiçijik bölegem galsa, soň ýene ýaýraýar. Süýt bilen awyternek şondan jinnek ýaly zat goýanok” – diýip, Allaberdi aga aýtdy.

22. 06. 2013 (şenbe)

Şu gün obada – Könekesirde ýaşulymyz, baýry mugallym Kaka Baýramsähedowyň üçi bellenipdir. Muny men Merjenden eşitdim. Jaýlamaga şäherden giden ekenler. Maňa habar etmändirler. Habar eden bolsalar, giderdim. Ölmezinden üç gün öň Arçmanda bolan eken, “ýaramok” diýip, oba gaýdypdyr. Tarpa-taýyn, beýnisine gan dolan bolmagy ahmal! 75 ýaşady diýdiler.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun!

23. 06. 13 (duşenbe)

Gyzylgül Kyýasowanyň ejesiniň ýedisinde “Ýalkyma” – obasyna ýola düşenimizde maşynda oturan Aman aga nobata durmagyň hyllalladygyny aýtdy. Şonda ýanymyzda barýan Şirin Gurbanowa:
– Onuň ýaly bolsa nobatçylaryň öňünde özüm duraýjak – diýip gülüşdirdi.
Gaýdyşyn Hezret Durdyýew Aman aga “Saglykda işlemek nesip etsin. Kitaplaryňy çykart-da, işle-de at al-da ýör” diýip arzuw etdi. Şonda Şirin:
– Ýa at alarsyň, ýa ät galarsyň – diýip, ýene gülüşdirdi.

26. 06. 13.

Rusça goşguly kitabymy almak üçin Metbugat öýüne baramda, şu gün öň milisiýada işlän Ata Hojala duşdum.
– Stalin hakynda ýazýadyň. Indi näme? – diýdi. “Ýazamok” diýsem, “Kim ýazdyrmasa-da akylly adam” diýdi. Ýüzünde ýigrenç bardy.
– Öň milisiýada işläniň belli-dä – diýmekden başga zat galmady. Düşünmejege nähili düşündirjek!

01. 07. 13

Düýn Aýnazaryň sadakasynda otyrkak, inim “Woronin ýogalypdyr” diýdi. Iwan Aleksandrowiç kakamyň dostudy. Serhetçi podpolkownikdi. Wolgogradda ýaşap, Türkmenistanda serhet gullugy hakynda birnäçe kitap ýazdy. Birnäçe goşgular kitabynyň awtorydy.
23-nji mart onuň doglan güni. 22-nji martda doglan gününi gutlap, telegramma iberipdim. Soňam gutlajak bolup, kän gezek jaň etdik, jogap bolmady. “Doglan gününiň öňki günleri ýogalan bolmaly” diýip, inime aýdypdyrlar.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, gadyrdan dostumyz Iwan Aleksandrowiç, kakamyň mähriban gardaşy!

01. 07. 13

Düýn “Obadaşlarym” atly kiçijik poema ýazdym. Onuň bir ýerinde:
Biliňizde oragyňyz
Pil iň uly ýaragyňyz
Çopan taýagyňyz
– diýip yzyny ýazjak bolýan. “Çopan taýagyny näme hasasy diýen ýaly meňzetjek bolup ýadyma salyp bilmedim.
“Çopan taýagyňyz… hasasy” diýip köp nokat goýup ýazyp goýdum.
Şol ýadyma düşmedik sözüm “Görogly” eposyny okamda gabat gelipdim-de, aşagyny çyzyp goýupdym. Men etažerkada duran “Göroglyny” aldym-da, gatyny açdym. Açan gatymdaky sahypa seretsem, şol söz – hümmet hasasy. (sah. 419, 1990 ý.). Men muňa bijaý gaty geň galdym. Begenibem köp nokat goýan ýerime “hümmet hasasy” diýip ýazdym.
Käteler şeýle-de bolaýýar!

01. 08. 2013

Şu gün Melikäniň doglan güni. 11 ýaşaýar. Irden gutladym.
Düýn günortanlar Metbugat öýüniň öňünde ýazyjy Atajan Tagana gabat geldim. “Saňa jaň edip bolanok” diýdi. Men zähmet rugsadyndadymy aýtdym.
–Arada goşgularyňy okadym. “Edebiýat we sungata” baramda wýorstkada ilki goşgularyňy gören men – diýip aýtdy. Soň

döredijilik hakda birki agyz gürrüň etdik. Ol soň:
– Biziň ýazan zatlammyz kime gerek? – diýip sorady.
Men:
– Taryha – diýip aýtdym.
Gulagy agyrrak bolansoň “Kime?” diýip sorady. Menem jogabymy gaýtaladym.
Men soň Grodekowyň ýazan zadyny ýatladym. Şo wagt ol metbugata girip barýan bir owadan daýaw rus zenanyndan gözüni aýyrman seretdi-de: “Owadan ekeni” diýdi. Mana garap: – Häzirem garagolluk edýäňmi? – diýip ýylgyrdy.
Menem “ýok” diýdim. Şeýdibem hoşlaşdyk. Hoşlaşmanka men oňa:
– Wagtyň bolsa, keýpiň bolsa Garrygala äkideýin – diýdim. Munam ikinji gezek sorady.
– Garrygalany men Tarkowskiý bilen görşüm. Göresim-ä gelýär – diýdi.

* * *

Beýik artistler Mihail Ulýanow bilen Kirill Lawrowyň ölmüniň arasy bir aý bir gün eken. Olaryň ikisem “Karamazow doganlar” atly filmde iki doganyň rolunda oýnaýarlar.
Mihalil Ulýanow bilen hoşlaşanda Lawrow “Hoş, gardaş!” diýip hoşlaşypdyr

05. 08. 13

Şu gün daça goňşymdan “Birki günläp görünmediňiz-le, eýgilikmi?” diýip soradym.
–Ýagmyr Pirgulynyň aýaly ýogaldy. Hiç kimi ýok. Şonuň bilen başagaý bolduk – diýdi. – Uly gyzy ýogalypdy. Beýleki gyzlaram çalajan. Gaýyn atasynyň gelniniň iki çagasy bar. Jaýy ýok, zady ýok. Onuňam ýüregi, iç-goşy zaýa. Bir zat bolsa, habar eder ýaly telefonyny basar ýaly edip goýup ýatýar. Hiç ýerde-de işlänok. Adamsy Çaram ýogalypdyr diýýärler – diýdi.
Men 90-njy ýyllaryň ahyrynda Karl Marks kitaphanasyna 3 müňe golaý kitap tabşyranymy eşidip, Ýagmyr aga özüniňem kitaplaryny tabşyrjakdygyny aýdypdy. Kitaplary äkitmegi menden haýyş edipdi. Men onuň öýünden kitap baryny “Žigulynyň” yzyna

basyp, Ýetimler öýüne baranymyzy, şonda A. Atajanowyň “Öçme ojagym” atly kitabyny aljak bolup, almandygymy goňşa gürrüň berdim.
Pahyr özi ölse, kitabynyň dargajakdygyny, eýe çykjak adamyň ýokdugyny bilip, kitaplaryny Ýetimler öýüne tabşyran ekeni.

* * *

Gije düýşüme şahyrlar Ýylgaý Duryýew, Magtymguly Myşyýew hemem ýazyjy Beki Seýtäkow giripdir. Üçüsem aramyzda ýok adamlar. Magtymguly bilen radioda bir redaksiýada bile işledik. Men baş redaktor, ol starşiý redaktordy.

06. 08. 13 (sişenbe)

6-njy awgust, şu tomus adamlar üçin behişdi gün bolaýdy öýdýän. Näçe günüň tüp yssysy adamlary gaty bezikdirdi. Çekip-çydar ýaly bolmady. Il-ä bilemok, özüm-ä halys basyldym. 15-nden bäri zähmet rugsadynda weli, öýden çykasym gelmedi. Çykdygyň ýakyp-ýandyryp barýar. Käte 50-60 gradusam bolsa bolandyr. Şu günki howa weli dowzahdan soň behişdi diýjek men-ä!
Soňunam görüberýäs.
R.S.: Şu gün Imran ikinji ekzamendenem geçdi. 8-ne iň soňkusy. Serdar Daşhowuzda komandirowkada.

10. 08. 2013

Bu günem, Hudaýa şükür, behişdi gün! Irden howa bulutly, salkyn.
Daňdanlar ýagyş çisňäpdir.

* * *
Şu gün obadaşymyz Nury Baýramsähedowyň aýal dogany Saýypjemalyň üçi güni. 85 ýaşynda ýogaldy. Ölmezinden 4-5 gün öňünden sorap gaýdypdym. Ýatkeşligi gowy eken. Ýöne gaty horlanypdyr.

12. 08. 2013

Geň galmaly, Gerseniň ýogalan güni – 21-nji ýanwar. Leniniň aradan çykan gününe gabat gelýär, ölen ýyly bolsa Wladimir Iliçiň doglan ýylyna – 1870-nji ýyl gabat gelýär.
Ýene bir zat, Aleksandr Gersen 1812-nji ýylda, – Napoleonyň Russiýa çozan ýylynda doglupdyr. Ol pomeşik Ýakowlewiň nikasyz aýaly Luiza Gaagyň ogly.

22. 08. 13

Metbugat öýüne baryp galam hakyny aldym. Terjimeçi Daňatar Berdiýewe gabat geldim. Öňki Daňatar aga däl, horlanypdyr. Ýaramaýandygyny aýtdy. Ýylyň başynda aýaly – Sonýa Söýünhanowa (öňki žurnalist) pahyr bolupdy. Ýüzünde öliniň reňki bar. Maşynly bolamsoň öýüne taşladym.
–Bir gezek Pöwrizede Hydyr aga (H. Derýaýew) gabat geldim. Ýazyjylaň daçasynda bolýan eken. “Daňatar, segsen seňseledýän eken” diýdi. Pahyr garnyna gyzgyn zat gitmänsoň, teýli nahar bolmansoň, ysgyny gaçyp ýykylan eken. Däde Halyň aýaly bilen (ýene biriniň adyny tutdy, ýadymdan çykdy – A. Ç.) biri aýaga galdyrdylar.
Menem ýykylýan. Işdäm ýok. Iýip bilemok. Ýykylýan wagtlarymam bolýar – diýdi.

24.08.13 (subbota)

Sagat 11-lerde şäheriň 1-nji parkynyň ýanyndaky çüňkdäki dermanhanadan çykanymda Tirkiş Jumageldiýewiň barýanyny görüp, “Tirkiş Jumageldiýewiç” diýip, birki gezek ýuwaşlyk bilen gygyrdym. Ol durdy-da, maňa tarap garady. Salamlaşdyk. Hal-ahwal soraşdyk. “Garnam gidýär-ow” diýdi. Menem “bir görseň içine gidýär, bir görseň daşyna” diýip degişdim. “Nirä gidýäni belli-le” diýdi. “Dynç alyşda boldum” diýdim. “Noruha gitmediňmi?” diýip sorady. “Dowzahda boldum” diýip jogap berdim.
– Tirkiş Jumageldiýewiç, suratlaňňy alsana. Duşsam gowşuraryn – diýip ýördüm. Öňki gezek “Könekesire baramyzdaky suraty bermediň” diýipdiň. Maşynda – diýdim.
Köçäň ugrunda duran maşyna ýönelip, men bukja salyngy birnäçe

suraty oňa uzatdym. Ol suratlara seredip, “bi kim, bi kim?” diýip sorady.
Ol Atamyrat Atabaýewli suraty almady. “Maňa gerek däl” diýdi. Gruzin papakly adamy görkezip “bi kim?” diýdi. “Men – Allaýar” diýdim. “Sopy Allaýar ýa Allaýar Çüriýewmi” diýdi.
Menem “Sopy Allaýar” diýip jogap berdim. Suratlary aldy. Bir haltajykda arnap (öz ýetişdiren agajymyň miwesi) bardy.– Ine, bu-da arnap. Seň nesibäň eken – diýdim.
– Igde ýalymy. Näme haýry bar.
– Dawleniýä, ýürege haýyrly – diýdim.
– Bolýa onda. Nesibe bir gowy zat. Onda meni orus bazaryna bir taşla – diýdi.
Ýolda ol şu ýylyň aprelinden Ýewropa ýurtlaryna aýlanandygyny – Gollandiýada, näçe gün, Belgiýa, Awstriýa, … bütin Izraily sökendigini aýtdy. Gowy täsir eden bolmaga çemeli. Muny onuň ýüz-gözündenem, gürrüňindenem aňyp bolýar.
– Ýanyňda çagalaram äkitdiňmi? – diýdim.
– Ýok-la. Çagalaň biri Gollandiýada, biri Moskwada ýaşaýar–diýdi. Onuň öňkä garanda ýüzüniň gasyny köpelipdir. Ýüzi birhili sargyltmykan diýdim. Geçen gezekleriň birinde-de A. Atabaýew hakynda gürrüň bolanda Tirkişiň ýaramaz reaksiýasy mese-mälimdi. Bu gezegem ol “Oň ýaly adamyň suraty gerekmez” diýen ýaly gürrüň etdi.
Tirkişiň Atamyrat ýekirlenende nähili goldaw berendigine özüm şaýat. Atamyrat üçin ol birtopar adamlar bilen gidişdi. “Edebiýat we sungatdaky” dawa-da Atamyratdan başlandy. Soňam Tirkişiň işden gitmegine sebäp bolan zatlaryň biridi. Indem olaryň hiç hili gatnaşygy ýok öýdýän.
R.S.: Tirkiş Ýewropadan 1-nji awgustda gelipdir.

30. 08. 13

Surnukdyryjy dowzahy yssydan soň, şu gün howanyň mese-mälim salkynlaşandygy belli. Ertirem howa býurosynyň maglumaty dogry bolsa 30-32 gradus boljak. 50-55 gradus yssy nirede, 30 gradus nirde? Şeýle bolawersin!

04. 09. 13

Birküç günden bäri ýene dowzah.

05. 09. 13

Ýalyn öwüsýär. Şonda-da halkara konferensiýasyna gara penjek geýmeli diýip, uniwersitetiň mejlisler zalyna hemmämizi iberdiler.
Irdenem bölümçelere gatnaşmansyňyz diýip duýduryş berdiler. Ýogsam aýdylansoň oňa gatnaşdygam.

08. 09. 13 (ýekşenbe) 835

“Kakam ýogalansoň biz gaty hor ýaşadyk. Bize şahyryň çagalary diýip ýylgyran köp boldy, ýöne hemaýat bolmady” diýip, Gurbannazar Ezizowyň gyzy Ýazgül gürrüň beripdir.
Gurbannazaryň ejesi hem-de onuň ýanýoldaşy bilen söhbetdeş bolmak arzuwym bardy. Birem Halyl Kulyýewiň maşgalasy bilen söhbetdeş bolmak. Biagyrlyk gurasyn!
Düýn daça Kakabaý Gurban, Kakabaý Ylýas, Gurban Garajaýew dagy geldi.
Kakabaý Ylýas gitdiksaýy ýöremekden galýar. “Gije ukym ýok. Agyry güýçli” diýýär.
Kakabaý Gurban 1956-njy ýylda goşunda gulluk edişini ýatlady. Pisar eken. Ofiser bilen gepi azaşyp, ony Mongoliýa gullugyny dowam etdirmäge iberýär. Gaty sowuk diýýär. Mongolyňkyda myhmançylykda boluşyny gürrüň berdi. Hapaçylyk.
Balakalary ýatladylar. Olaryň kakasy Körhan Dagystan tarapdan gelen bolmaly. Ejeleri Annajemal Hydyr gyzynyň dogany. Hydyr, Ylýasdan soň üçünji. “Sen Dörtgulylara baryp näme iýip gaýdýaň?” diýip, Arap dogany Täşlä käýýän eken. Täşli Gurbanam: – Çörek bilen arak içýäs – diýýän ekeni.
Doganlaryň gysyklygyny aýtdylar. Baýram Balaka ýagşyrak diýäýmeseň, ,galany gysyk bolupdyr.
Muhammet Çerkez gürrüň berýän eken: fronta girmäkem Mämmedaly diýip kürt goňşymyz bardy. Hemişe güneşläp oturandyr.
– Mämmet aga, nähili ýagdaýlar? – diýip sorasaň: – Içiräm, guçuram, siçiräm – diýip bir jogap berýän eken.
Frontdan gelensoň, ýene “Mämmet aga, ýagdaýlar niçik?” diýip

sorasaň, “Asgyraram, üsgürerem, osturaram” diýip jogap berýärdi – diýýär.
Kakabaý Gurban 1949-njy ýyldan bäri redaksiýalarda işläp gelýär. Häzir bir aýdan bäri neşirýat gullugynda redaktor. Türkmenistan boýunça bir ugurda işläp gelýän ýeke-täk adam. Bitiren hyzmatlary azam däl weli, adyny tutanoklar.
Tüweleme, maýyplygyna garamazdan (bir eli, bir aýagy gowy tutanok), işläp ýörşüne gözüň gidýär. Mert adam, ruhy belent adam!

22. 09. 13

19-njy awgustda akademik, taryhçy alym Myrat Annanepesow ýogalypdyr.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, Myrat aga!.

03. 10. 2013.

Ýaňy telewizory açdym. Zanzibar adasynyň adamlary hakyndaky gepleşik. Zanzibarlylar nohurlylaryň bişirýän lowajyna çapady diýýän ekenler. Nohurlylar ýagda bişirilýän ýukajyk lowaşa şawaty diýýärler.

* * *

Birki günlükde ýazyjy Atajan Tagan Garrygalada bitýän derman otuň spirte garylan erginini haýyş etdi. Şonda Atamyrat Atabaýew hakynda şeýle diýdi: elime nagan berseler, seniň maňlaýyňan atyp: “Sen iki asyryňam gowy şahyry” diýip aglardym” diýdim.
Atamyradyň prinsipsizligi hakda aýtdy. Elbetde, ol prinsip sözüni ulanmady, ýöne gürrüňiň many-mazmuny şody. “Bir stakan berjek diýseňem ylgap barýar” – diýdi.
“Bir şahyra (men onyň adyny bilgeşleýin tutamok –A.Ç.) özüni alyp barşy hakynda aýtdym weli, “Iller maňa bahyllyk edýärler” diýdi. Şonda men : “Seniň nämeňe bahylçylyk etsinler. Seniň ýazan zatlaryňy men çep aýagym bilenem ýazaryn” diýdim diýýär.”

05.10.13

Daçada ýaşaýanlaryň dört köçesini – uly ýoluň ugrunda, traktor bilen gazdylar. Indi şol köçelerde maşynly gatnaw ýok.
Biziň köçämize, ýene-de bir köçä degmediler.
Köçeleri näme maksat bilen gazdyrypdyrlar. Hiç kim bilenok.
Mekdebe gatnaýan çagalar ganawlardan zordan geçýär. Ilatyň gatnaýan köçesini gazdyňmy, şo wagtam etmeli işiňi bitirip, gömmeli dälmi näme?
Nämüçindir düşnüksiz.

13.03.13

Şu gün tanaýan bir şahyr ýoldaşym halk ýazyjysy adynyň berimeginiň şanyna guralan oturylyşygyna inim Meredi hem çagyrypdyr.
–Atajan Tagan şo oturylyşykda toý toýlaýan şahyry şeýle bir öwdi welin, bolar ýaly däl – diýdi. (Meniň aňlaýşyma görä, Atajanyň ol goşguçynyň ýazan zatlaryna göwni ýetmeýärdi diýjek bolýan).
Ýalňyşmasam, ýazyjy Leonid Andreýewde okapdym öýdýän, ýubileý dabaralary adamlaryň çynyny aýtman, iň köp ýalan sözleýän ýerleri – diýýäni gaty dogry.

19.10.13

Düýn Ismaýyl Kadyrowyň belli gününe – 3-ne bardym. Ol 1932-nji ýylda doglandy. Ony ýaşaýan öýüniň ýanynda tapypdyrlar. Ýatan ýeri gara gan eken. Ol bizi uniwersitetde okamyzda SSKP-niň taryhy dersinden okadypdy. Gowy mugallymdy. “Türkmen uniwersiteti” köp tiražly gazetde meniň familiýamy gowy okaýan studentleriň arasynda agzapdy.
Ýatan ýeriň ýagty bolsun, mugallym!

20.10.13.

Şu ýylyň tomsy gaty myrtar boldy. Aýtmasalar-da, 50-600 yssy boldy. Şu günem oktýabryň 20-si, howa yssy. Güýzüň howasyna meňzeş däl. “Kyýamat ahyrzamana golaýlaşýar¬” diýýärler weli,

bu gepiň jany ýok däl ýaly. Ýaşap ýörsek, görüberýäs-dä. Howa ýakymsyz bolsa hiç zat edesiň gelenok. Ýogsam mellekde iş az däl. Bijaý ekilen baglaryň ýerinden başga ýere göçürse boljak. Başga-da ýer işleri az däl. Ýeri agdarmaly wagty geldi. Yssyda işleseň, ysgyn galmaýar, bar ysgynyňy alýar.
Gepiň küle ýeri,yssy biziň dostumyz däl, yssa nälet! – degişýän.
R.. S.: Birki günlükde düýşüme Orazgül giripdir. Nähak göwnüne degýämişim.

* * *

Howa 4-5 günden bäri mazaly gyzandan soň, (gijelerine salkyn) yssy bolýar diýenimi eşitdi öýdýän, şumat daşarda howa bulaşjak bolýar. Ýeli bar.
Ertirden başlap, howa sowajakmyşyn diýib-ä aýdýardylar. Belki, şeýle bolsun-da!

23.10.13.

Şu gün Mürçä – Zeňňi baba zyýarat edip geldik. Soň ýoldaşym Çary Kulyýew bilen Ak işanda-da aýat okadyk.
Zeňňi babaň müjewüri Hoja aga bilen tanyş bolduk. Birsalym söhbetdeş bolup oturdyk. Şu ýylyň ýanwarynda kellesi gaty agyryp, iki gözi hem görmeden galypdyr. Wraçlar operasiýa edeniň haýry ýok, köki gyrlypdyr diýip aýdypdyrlar.
Bir tebip gelip, onuň kiçi diliniň ýanynda bir deşige garaburçly barmagyny sokup mazaly aýlapdyr. Çydar ýaly bolmady, şonda-da çydadym – diýýär. Şondan soň onuň agzyndan lagta-lagta gara doňan ganlar gelipdir.
Tebip şundan soň gözüň açylmagam ähtimal, açylmazlygam. Ýöne on iki ýyllap seniň kelläň agyrmaz – diýipdir.
Hoja aga aýat okap ber diýenimizde, şeýle bir okady welin, maňa gaty täsir etdi. Muň ýaly täsir eden wagty ýokdy. Daş çykamyzda Çary hem edil meniňki ýaly täsiri başdan geçiripdir.
Hoja aga Mürçeden. Özlerem 3-4 dogan. Haçanda Zeňňi babany remonta başlanlarynda obadaşlary “Bular däliräpdir. Kör köpükleri ýokka, nähili remont etjeklerkä?” diýip gülüşýän

eken. “Zeňňi babanyň özi kömege geler. Haýdalyň” diýip, Hoja aga öňbaşçylyk edipdir. Şeýdibem ondan-mundan pul kömegini eden adamlar tapylypdyr. Kimsi 30 müň, kimsi 15 müň, kimsi üç müň… dollar berip haýyr-sogap iş edipdirler. Zeňňi baba, onuň aýaly Enewwer enäniň, çagalarynyň guburlaryna zyýarat etdik.
Ýadygärlikler gowy bejerilipdir. “Arman, baglar suwsuz, bir suw gazdyryp biläýsem” diýip, Hoja aga aýtdy. Oňa-da bir jomart adam tapylar-da. Gaýdamyzda ak pata berdi. Ak patasynyň bir ýerinde “Allaýar jan bilen Çary jany patyşanyň hyzmatkärleriniň gazabyndan gora” diýen ýaly doga-dilegleri hem etdi.
–Öňräk şeýle doga-dileg edemde gelen ýaşulularyň biri meni gujaklap “Wah, meň oglum nähak şolaň elinde” diýdi. Menem “Ertir şu wagtlar ogluň öýüňizde bolar. Zeňňi baba jan kömek eder. Ýöne ogluň gelenden soň dem-dynjyny alyp 3-4 günden soň gelip zyýarat edip gitsin” diýdim.
Edil meň aýdyşym ýaly bolupdyr. 3-4 günden soň gelip ol oglan zyýarat etdi. Haýyr-sogap diýibem üç müň dollar goýup gitdi – diýip, Hoja aga aýtdy.
Hoja aganyň aýat okaýşy, onuň labyzy hiç kimiňkä meňzemeýär. Örän üýtgeşik we adama güýçli täsir ediji.
R.S.: Ýene bir bellemeli zat, gaýdyşyn Gökdepä ýetiberenimizde edaradan Maýa jaň edip, “Çaryny soraýarlar” diýdi. Men «Ýene ýarym sagatdan edarada bolarys. Şeýdip aýdaý” – diýdim.
Gökdepä girdik. Öňde duran gaişnik maşyny saklady. Men hem düşündirmäge başlamdan ol: “gidiberiň, ýalňyşypdyrys” diýdi. Biz muňa haýran galdyk. Belki-de ,bi Hoja aganyň bize beren ak patasynyň güýjüdir diýip düşündik.

30.10.2013

Şu gün Nury Baýramsähedowyň aýaly Tomilanyň ýylyny berdiler.
Magtym Şabasanow, akademik Agajan Babaýew we ýene-de dört-bäş sany adam tegelek nahar stolunyň başynda oturan ekenler. Biz nahar iýip, stoluň başyndan turup, Tirkiş Jumageldiýew gelen eken, onuň bilen, soňam akademik Mürrük Ataýew bilen bile bir stolda oturan Hudaýberdi Diwangulyýew bilen gadyrly görşüp

durkam, Şabasanow maňa tarap “bäri gel” diýen yşarat etdi. “Menmi?” diýsem, “hawa, sen” diýen yşarat edenden soň, men olara tarap ýöneldim. Gadyrly görüşdim. Şabasanowam, Babaýewem “Seniň bilen görüşmek üçin çagyrdyk. Görüşjek bolsaňam kyn ekeni” diýip degişdiler. Agajan Geldiýewiç maňa: “Sen Moskwadasyň diýip ýördük” diýdi.
Hoşlaşyp gaýtdym.
Şabasanow bilen Annamuhammet Gylyjow (öň TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň başlygy) hakda makala ýazamda, söhbetdeş bolupdym. Onuň beren gürrüňi hem makalanyň içinde gidipdi. Bi, ýalňyşmasam 1992-93-nji ýyllar bolmaly. Ýadyndan çykarman ekeni. Garramandyr. Şol öňki keşbi. Ýöne şlýapasyna derek tahýa geýipdir.

01.11.13.

Kompozitor Gurbandurdy Çaryýew bilen 1969-njy ýylda onuň Respublikan halk döredijilik öýünde işläp ýörkäm tanşypdym. Şol ýerde kompozitor Baýram Hudaýnazarow işleýärdi. Menem student. Mahal-mahal men ol ýere barýardym. Şol döwürlerde Baýram meniň goşgyma “Gel, obamyň lälesi” atly aýdymy ýazan wagtlarydy.
Birki günlükde men Gurban bilen gürrüňdeş boldum. Gözleriniň ugry ýok. Bolsa-da ýörite orta sazçylyk mekdebinde işleýär. Ine, ol şeýle diýip güldürdi:
– Allanazar Rejebow halk döredijilik öýüniň direktory – biz oňa hemmämiz Baý aga diýýärdik. Sekretar aýalyna Tanýa diýýärdiler. Biz öz ýanymyzdan Baý aga Otello (ol dogrudanam Otello meňzeşdi), Tanýa Dezdomona diýip degişýärdik. O ýerde birküç ýyl işlänsoň, telewideniýeden ýer tapyp şo ýere geçermen boldum. Baý aganyň ýanyna girip, taňryýalkasyn aýtdym.
– Häý, Çary Gurban hemişe bir ters zat tapýaň-da – diýdi.
Men ondan: – Baý aga, adymy bir dogry tutup, meni bir hoş edip goýber – diýsem, ol:
– Bolýar, Çary Gurban – diýdi.
Bir gezegem Ýolaman Nurymow ýazan saz eserini geçirjek bolup,

onuň ýanyna girdi. Baý aga-da nobatdaky maslahatyň geçendigini, soňkusynda aljagyny aýdypdyr. Ýolaman onuň kabinetinden çykyp gelýär.
– Nätdi? – diýip, men ondan soradym.
– Näderiň bolarmy? Ýüzüni onluk galoşyň aşagy ýaly edip, “soň gel” diýdi – diýip aýtdy.
Bir gezegem Ýolaman öz ýanyndan sögünip oturan eken. Men ondan sebäbini sorasam:
– Dogry-da walla, näçe kömek etseňem bilenok, arkan ýatyrylan pyşdyl ýaly bolup – diýip, maryly sazanda Amannazar Ataýewe sögünýän eken.
Konserwatoriýada köpçülik bolup “Alla birdir, Watan birdir, halkymyň serdary bir” diýen aýdymy aýtdyrýardylar. Adamlaram ýadaw. Zeýrenýäni bar. Ýanymyzdakylaryň biri şonda: – Şükür ediň, şonuň hälem iki däldigi bir gowy zat – diýip aýtdy. (Aýdymyň sazy Gurbanmyrat Nobatowyňky, sözleri Allaýar Çüriýewiňki). Ýatlamalar